# Hikmetli hekaýalar

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Hikmetli hekaýalar HIKMETLI HEKAÝATLAR

**Ataly-gyz**

Günlerde bir gün gyzy kakasynyň ýanyna gelipdir-de, zeýrenmäge başlapdyr:
-Kaka, men ýadadym. Meniň durmuşym şeýlebir agyr, meniň öňümde şeýlebir çylşyrymly kynçylyklar we meseleler dur. Men hemişe diňe durmuşyň akymynyň tersine ýüzmäge mejbur bolýaryn. Meniň indi çydamaga gaýratym galmady…Men indi näme etmeli?
Gyzyny ünsli diňlän kakasy, jogap bermegiň deregine gaz plitanyň üstünde üç sany birmeňzeş gazany, suw guýup goýupdyr. Olaryň birine käşir, beýlekisine ýumurtga, üçünjisine bolsa kofe atypdyr. Biraz wagtdan soň, ol suwdan käşiri hem-de ýumurtgany çykarypdyr, üçünji gazandan bolsa kofäni bulgura guýupdyr.
-Näme üýtgedi?-diýip ol gyzyndan sorapdyr.
-Ýumurtga we käşirä bişdi, kofe bolsa suwda eredi-diýip gyzy jogap beripdir.
-Ýok, gyzym, bu diňe bolup geçýän zatlara ýüzleý garaýyş bolýar. Seret, gaty käşir gaýnag suwda ýumşady. Port we içi suwuk ýumurtga gatady. Daşky görnüşi boýunça olar üýtgemedi, emma, olaryň ikisine-de birmeňzeş amatsyz ýagdaýlaryň – gaýnag suwuň täsir etmeginiň netijesinde olaryň içi üýtgedi. Edil şonuň ýaly, daşky keşbinden gaýratly bolup görünýän adamlaram durmuşy kynçylyklara döz gelip bilmän, daş keşbinden gowşak hem näzik bolup görünýän adamlaryň gatap, berkeýän ýerlerinde, goram-gowşak hala düşüp, ejizläp bilerler.
-Onda kofe näme?-diýip gyzy sowal beripdir.
-Bu bolsa hasam gyzykly! Gördüňmi, kofe özüne duşmançylykly gurşaw bolan gaýnag suwda dolulygyna eredi-de, ony datly suwuklyga öwürdi. Edil şonuň ýaly, durmuşda-da şeýle üýtgeşik

adamlar bolýar, olar aglaba köp halatlarda özleriniň duçar bolan hadysalaryny düýpgöter özgerdip, hatda öz başlaryndan inen kynçylyklaram täze bir ajaýyplyga öwürmegiň we her bir ýagdaýdan peýda hem-de tejribe gazanmagyň hötdesinden gelýärler…

## Ýekäniň ýary Huda

Bir goja alys jülgede ýekemen bolup ýaşaýar ekeni. Günlerde bir gün onuň ýaşaýan jülgesine tötänden gelen awçylar garrynyň nijeme ýyllar bäri ýalňyz ýaşaýanyna geň galyp, oňa:
-Atam, Zeminiň bu undulan künjeginde şunça wagtlap ýalňyz ýaşamaga nädip sabryň ýetdi?-diýen sowal bilen ýüzlenipdirler.
Garry köpmanyly ýylgyrypdyr-da, jogap beripdir:
-Şu öten ýyllaryň içinde men birje pursadam ýeke bolmadym. Meniň ýanymda hemişe iň ýakyn dostum söhbetdeş boldy – Allatagala! Men ömrümiň her deminde Onuň bilen isledigimçe gepleşdimem, geňeşdimem. Haçan-da Onuň maňa aýdýan sözlerini eşitmek islänimde bolsa men elmydama Kurany-Kerimi okadym. Haçan-da Onuň bilen alnymy alnyna berip, içgin ýürek döküşmek islänimde bolsa men namazlyga geçýärin-de, namaz okap, mynajat edýärin…

## Azaşan kalp, bulaşan paýhas we synan göwün üçin şypaly jümleler:

Adam Allatagaladan güýç-kuwwat, gaýrat diledi – Ol onuň päsgelçilikleriň ýeňip geçmegi öwrenip, güýç-kuwwatly we gaýratly bolmagy üçin oňa kynçylyklary bagyş etdi!
Adam Allatagaladan paýhas we danalyk diledi – Ol onuň dürli ýagdaýlardan baş alyp çykmagy öwrenip, paýhasly we dana bolmagy üçin oňa çylşyrymly meseleleri bagyş etdi!
Adam Allatagaladan baýlyk diledi – Ol onuň baýlygy gazanmagy üçin oňa akyl we kuwwatly beden bagyş etdi!
Adam Allatagaladan ysk we mähir diledi – Ol onuň söýmegi hem söýülmegi gazanmagy üçin onuň daş-töweregini özi ýaly ynsanlardan doldurdy!
Adam Allatagaladan eşret diledi – Ol onuň eşretli ýaşamagyna

ähli mümkinçilikleri bagyş etdi!
Öz isleglerininň guluna öwrülen adam Allatagaladan tükeniksiz peşgeşleri alandan soňam, özüniň dilän zatlaryndan hiç zady almandygyna kine saklamaga we nägile bolmaga tükeniksiz bahana agtarýar!

*Terjimesi biraz üýtgedilip, edildi.*

Çeşmesi: https://www.muftyat.kz/ru/articles/edification/2014-09-18/21016-mudryie-pritchi-ob-otnoshenii-k-slozhnostyam-kotor/. 13.04.2021ý.
Halk döredijiligi we rowaýatlar